**Diýdiler**

Göwnüm gitdi bir bakyşda ol dildara,
Näz kylan bakyşlary goýar armana.
Saçy uzyn, gaşy ýaý, ýüzi nurana,
Gözelleriň gözeli peri diýdiler.

Soradym ilden ol gözeliň ismini,
Setirlerimde taryplajak waspyny.
Bir bakyşda alar akyl-huşuňy,
Bardyr janyňy alan görki diýdiler.

Beýle gözeli görmedim hiç dünýäde,
Belki-de gabat gelip bolmaz roýada.
Niçe är ýigitler galandyr armanda,
Men diýen ýigitleň armany diýdiler.

Nurmuhammet, sözüň ýetmez tarypyna,
Hiç gözel deň bolmaz saçynyň taryna.
Rehim gelsin aýdyň çeken halyma,
Bir bakanda alarmyş erki diýdiler..

**Peri sen**

Gözelligiň kyldy meni şahyr,
Asmanda — melek, ýerde peri sen,
Yşk setirde bolaý Mejnun, Tahyr,
Rafykym boldy Zöhre, Leýli sen.

Gözleň ýatladar mawy asmany,
Görki hoşraý, ötir Züleýhany.
Ysy meňzemişdir erem bagy,
Behişde açylan anwar güli sen.

Bezeg berip dur uzyn saçlaryň,
Görküňe görk goşýar gaşlaryň,
Göz öňümden gitmez bakyşlaryň,
Teşne ýüregiň saýlan ýary sen.

Nurmuhammet, ýaz setiriň joşa,

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

Waspyň beýan kyl galam gaşa.
Maýyl boldum dostlar ol bakyşa,
Gara gözümiň intizary sen.

**Aýa meňzär**

Göwnüm gitdi bir hüsni-jemala,
Gurbandyr şirin janym ol ýara.
Saçlary uzyn, gözleri gara
Gaşy asmandaky Aýa meňzär.

Gözellikde deňi ýok ol zyba,
Meňzemiş läleýi-peýhan, ragna.
Söwer ýarym gördüm seni rowa,
Muhabbetim görküň hüýre meňzär.

Görki hoşraýdyr, gözleri ahram,
Her bir sözüdir derdime derman.
Kalby zülal, kendi meňzemiş susan,
Nowasy saýrak bilbile meňzär.

Doýma ýok şirin-şeker sözünden,
Aýlanaý söwer ýaryň näzinden.
Bir posa berse gunça lebinden,
Lebiniň tagamy bala meňzär.

Nurmuhammet diýer aşygy men ýaryň,
Deňi-taýy ýokdur Ogulhanyň.
Ýaranlar aýtsam galmaz armanym,
Görki perizat Züleýha meňzär.

**Nurmuhammet ANNAMURATOW.**

Все права защищены